TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY

# “GÜNDOGARYŇ MEŞHUR AKYLDARY WE LUKMANY ABU ALY IBN SINANYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI MIRASY”

## atly halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň beýany

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2023

UOK 001:61+39
G 90

G 90 **“Gündogaryň meşhur akyldary we lukmany Abu Aly ibn Sinanyň umumadamzat ähmiýetli mirasy”** atly halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň beýany. – A.: Ylym, 2023. – 508 sah.

TDKP № 252, 2023 KBK 72+5+63.5

© Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

we janynyň bardygyny bilmelidir we akyl bilen jan biri-biri bilen ylalaşýança baky garşydaş bolarlar, şonuň üçin akyl ähli amallarynda ruhy boýun etmäge borçludyr” diýýär. Kalbyň akyl bilen boýun egmegi ahlaklylygy we ahlaksyzlygy bilmek arkaly amala aşyryp bilýändigi sebäpli, Ibn Sina olary adam güýçlerine görä 3 topara bölýär:

1. Hyjuwyň güýji; 2. Gaharyň güýji; 3. Tapawudyň güýji.

Şeýlelikde, Ibn Sinanyň ylmy mirasynda, esasan hem psihologik eserlerinde edep taglymatynyň möhüm nokady adam gatnaşyklaryndaky ygrarlykdyr. Bu çemeleşme obýektiw we subýektiw faktorlaryň täsiri astynda moderasiýany üýtgedýän paýhasly jana bolan garaýyşdan gelip çykýar. Ol “Paýhasly kalbyň deňagramlylygy we ortaça bolmagy saglygyň ýagdaýyna, gylyk-häsiýetine, psihologik, sosial we atmosfera faktorlaryna baglydygyny, ynsanyň ruhunyň hereketlerini öwrenip kalbyň maksady diňe spekulýatiw zatlara düşünmek däl eýsem, adalat arkaly gazanylýan bagta ýetmek üçin amaly çäreler diýip hasaplaýar.

**Gülşat Ýusupowa**
*(Türkmenistan)*

## ABU ALY IBN SINANYŇ IŞLERINDE PEDAGOGIK GARAÝYŞLARYŇ BEÝANY

Bilim ilki bilen jemgyýetiň özgermegi, döwletiň ykdysady taýdan ösmegi üçin iň möhüm şertleriň biri. Dünýäniň globallaşýan döwründe jemgyýetçilik howpsuzlygy, ahlak kadalarynyň berjaý edilmegi, ýaşlara terbiýe bermegiň ýollary hakynda meseleler ýüze çykanda, onuň baş konsepsiýasy gadymyýetden şu güne çenli esasy ýörelgeleri öwrenmek bolup durýar. Bu meselede gündogar ýurtlarynyň beýik akyldarlarynyň ýazan işlerini dünýä jemgyýetiniň ünsüni özüne çekýär. Şol akyldarlaryň içinde bu meseläni sinergetik çemeleşmäni orta atan lukman, alym, filosoflaryň biri Abu Aly ibn Sinadyr. Ol terbiýäniň ruhy we ahlak gymmatlyklarynyň sazlaşykly utgaşmagyna, ýagny ählumumy gymmatlyklar, milli däp-dessurlary berjaý etmek bilen baglaýar. Şol sanda bilim prosesini ýeke-täk hasap akyl, beden, estetiki we ahlak terbiýesine eýe bolmaklyga çagyrýar. Ýagşyny ýamandan düýpli saýgarmaklygy, sada, erkli bolmaklygyň pelsepewi düşünjelerini jikme-jik görkezýär. Dostlugyň üç görnüşi hakda öz işlerinde agzap geçýär: agyr günde kömek edýän hakyky dost, oý-pikir hem düşünjeleri gabat gelýän dost we dostlukly gatnaşyklardan haýyr-peýda görmäge ymtylýan dost. Abu Aly ibn Sinanyň edep kadalary baradaky pikirleri diňe bir alymlaryň nukdaýnazarynda däl, halk köpçüliginiň çagalara we ýetginjeklere bilim bermek we hünär taýýarlygy döwründe pedagoglara gymmatly çeşme bolup hem hyzmat edýär. Onuň durmuş tejribesi,

syýasy, döwlet işlerini alyp barmakda eden täsiri, beren gymmatly maslahatlary diňe bir öz döwrüniň däl, eýsem ençeme nesiller üçin hem öz gymmatyny ýitirmedi.

Ibn Sinanyň fiziki dünýä ösüşiniň iň ýokary kämillik hökmünde adam baradaky pikirleri we organiki tebigaty, has ýokary başarnyklara eýedigi baradaky tassyklamasy, kämilligiň we gözelligiň belentliklerine ösüşi amala aşyrmakda ukyplara eýe bolup bilýändigini nygtaýar we bu garaýyşlar asyrlar boýy öz gymmatyny, hakykat güýjüni ýitirmeýär.

**Amangül Allaberdiýewa**
*(Türkmenistan)*

## ABU ALY IBN SINANYŇ ESERLERINIŇ KÖPUGURLYLYGY

Gaznalylar döwrüniň görnükli wekili, Gündogarda “Lukman hekim”, Çünbatarda “Awisenna” lakamy bilen tanalan alymdyr. Abu Ali ibn Sina diňe bir lukmançylyk, filosofiýa, astronomiýa, matematika ylymlarynda öçmejek yz galdyrman, eýsem dil bilimine-de uly goşant goşan akyldardyr.

Orta asyrlarda akyl-paýhasa dahylly zatlaryň hemmesi, şol sanda ynsanyň pikirini beýan edýän söz hem logika ylmyna degişli hasap edilipdir. Abu Aly ibn Sina hem dil hakyndaky ylmy garaýyşlaryny “Sagalma kitabynyň” “Mantyk” (Logika) bölüminde beýan edipdir. Bu bölümde akyldar diliň teoriýasyna, onuň kanunalaýyklaryna, grammatika degişli meselelere garapdyr we olar hakda özüniň anyk pikirlerini orta atypdyr. Beýik akyldar dil biliminiň fonetika bölümine degişli ýörite traktat hem ýazypdyr. Bu ylmy iş “Sözleýiş sesleriniň emele geliş sebäpleri” diýlip atlandyrylýar.

Abu Aly ibn Sina iň köp kitap ýazan akyldarlaryň biri hasaplanýar. Ol arap dilinde 456, pars dilinde hem 23 eser miras goýupdyr. Gündogar hem-de Günbatar alymlarynyň arasynda onuň at-abraýy örän uly bolansoň, oňa hormatly at-derejeleriň birgidenini dakypdyrlar. Gündogarda alymlar oňa “Şeýh-ur-rais” (Filosofiýanyň öňbaşçysy) diýip ýüzlenseler, Günbatarda “Filosofiýanyň ussady”, “Lukmanlaryň atasy” diýen atlary beripdirler. Bu atlaryň ýöne ýere berilmeýänligi düşnükli. Ol pikir bilen işiň, hakykat bilen eşretiň, nazary paýhas bilen amaly akylyň bitewüligini gazanmaga gönükdirilen filosofik ulgamy döredipdir. Onuň pikirine görä, filosofiýa özüniň wezipesi babatda hakykatda akyl ýetirmek bilen hemme zady öz içine alýan ylymdyr.

Alym diňe bir edebiýatyň nazaryýetine çuňňur aralaşmak bilen çäklenmändir. Eýsem-de bolsa, şygyr ýazmak bilen hem meşgullanypdyr. Filosofiýa hem-de lukmançylyga, tebipçilige degişli işleriň ençemesini diňe bir kyssa bilen däl, goşgy

TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY

# “GÜNDOGARYŇ MEŞHUR AKYLDARY WE LUKMANY ABU ALY IBN SINANYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI MIRASY”

atly halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň beýany


Redaktor *A. Kakajanow*
Teh. redaktor *Ý. Peskowa*
Kompýuter bezegi *A. Abdyrahmanow*

Çap etmäge rugsat edildi 00.00.2023.
A – 112652. Ölçegi 70×100 $^{1}/_{16}$. Edebi garnitura.
Çap listi 00,00. Şertli-çap listi 00,00. Hasap-neşir listi 00,00.
Neşir № 117. Sargyt № 00.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.